**Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek babatda hyzmatdaşlyk hakynda**
**YLALAŞYK**

Mundan beýläk Taraplar diýip atlandyrylýan, Azerbaýjan Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň we Türkmenistanyň Hökümetleri,

hazarýaka döwletleriniň we olaryň halklarynyň arasyndaky dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryndan ugur alyp hem-de gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegi maksat edinýändiklerini belläp;

adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek boýunça kömek bermek babatda Birleşen Milletler Guramasynyň we beýleki halkara guramalarynyň tutýan ornuny belläp;

Taraplaryň biriniň döwletiniň öz güýji bilen ýok edip bolmajak we öňüniň alynmagynda we ýok edilmeginde Taraplaryň döwletleriniň ylalaşykly hereketlerini amala aşyrmagy talap edýän tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň ýüze çykmak mümkinçiligini ykrar edip;

adatdan daşary ýagdaýlaryň döredip biljek howpuna düşünip;

Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça 2003-nji ýylyň 4-nji noýabryndaky Çarçuwaly Konwensiýanyň düzgünlerini (Tähran Konwensiýasy) nazara alyp;

Hazar deňziniň özboluşly ekologiýa ulgamynyň goralyp saklanmagy üçin geljekki nesilleriň öňündäki jogapkärçilige düşünip;

adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek meselelerinde ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy ösdürmäge çalşyp,

şu aşakdakylar barada ylalaşdylar:

**1-nji madda**
**Kesgitlemeler**

Şu Ylalaşykda ulanylýan adalgalar:

«adatdan daşary ýagdaý» – tebigy ýa-da tehnogen häsiýetli weýrançylyklaryň, betbagtçylyklaryň ýa-da heläkçilikleriň netijesinde ýüze çykyp, adam pidalaryna, adamlaryň saglygyna, daşky gurşawa, önümçilik we ýaşaýyş-durmuş üpjünçilik ulgamynyň desgalaryna zyýan ýetiren, düýpli maddy

ýitgilere we ilatyň durmuş şertleriniň bozulmagyna getiren ýa-da getirip biljek ýagdaýy;

«kömek sorap ýüz tutýan Tarap» – kömek bermek boýunça toparlary, enjamlary we maddy serişdeleri ibermek barada haýyş bilen beýleki Taraplara ýüz tutýan Tarapy;

«kömek berýän Tarap» – kömek bermek boýunça toparlary, enjamlary we maddy serişdeleri ibermek barada ýüz tutýan Tarapyň haýyşyny kanagatlandyrýan Tarapy;

«adatdan daşary ýagdaýyň zolagy» – adatdan daşary ýagdaýyň ýüze çykan ýeriniň sebitini;

«ygtyýarly edara» – şu Ylalaşygy durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly hereketleri utgaşdyrmak üçin her Tarapdan bellenilýän edarany;

«adatdan daşary ýagdaýlary ýok etmek» – adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda adamlary halas etmäge we olaryň saglygyny goramaga, daşky gurşawy goramaga, maddy ýitgileriň we ýeten zyýanyň möçberini azaltmaga, şeýle hem adatdan daşary ýagdaýlaryň zolagyny çäklendirmäge gönükdirilen abatlaýyş-halas ediş we beýleki geçirilýän gaýragoýulmasyz işleri;

«kömek bermek boýunça topar» – kömek bermek üçin kömek berýän Tarapdan ugradylýan, zerur enjamlar bilen üpjün edilen hünärmenler toparyny;

«enjamlar» – awariýa-halas ediş işleriniň geçirilýän döwründe kömek bermek boýunça toparyň durmuş üpjünçiligi üçin zerur bolan maddy, ulag we tehniki serişdeleri, enjamlary we toparyň agzalarynyň şahsy esbaplaryny, şol sanda, derman serişdelerini we lukmançylyk maksatly önümleri;

«maddy üpjünçilik serişdeleri» – adatdan daşary ýagdaýlaryň netijesinde ejir çeken adamlaryň arasynda muzdsuz paýlamak üçin niýetlenen maddy serişdeleri;

«adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak» – adatdan daşary ýagdaýlaryň döremek töwekgelçiligini we onuň adamlaryň saglygyna we daşky gurşawa täsirini mümkin boldugyça azaltmaga gönükdirilen öňüni alyş çäreler toplumyny;

«üstaşyr geçirýän döwlet» – kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletinden başga, öz çäginden kömek bermek boýunça toparlary, enjamlary we maddy üpjünçilik serişdelerini üstaşyr geçirýän islendik Tarapyň döwletini aňladýar.

**2-nji madda**

**Ulanylýan çäkleri**

1. Şu Ylalaşyk Hazar deňzinde tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda Taraplaryň bilelikdäki hereketlerini düzgünleşdirýär.

2. Şu Ylalaşyk, eger Hazar deňzinde Taraplaryň haýsydyr biriniň öz döwletiniň güýji bilen ýok edip bolmajak adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda olaryň öňüni almak we/ýa-da olary ýok etmek maksady bilen ulanylýar we şunuň netijesinde şol Tarapyň beýleki Tarapa ýa-da Taraplara kömek sorap ýüz tutmaga hukugy bardyr.

Şeýle hem, şu Ylalaşyk kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň öz döwletiniň guryýer çäginde ýüze çykan adatdan daşary ýagdaýyň Hazar deňzine zyýanly täsirini ýetirer diýip hasap eden ýagdaýynda ulanylýar.

**3-nji madda**

**Ýörelgeler**

Taraplar adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek boýunça hyzmatdaşlygy Taraplaryň döwletleriniň kanunçylygyna we umumy ykrar edilen halkara kadalaryna laýyklykda:

1) deňlik we özara düşünişmek;

2) içeridöwlet derejesindäki çözgütleri kabul etmekde özbaşdaklyk;

3) Taraplaryň mümkinçiliklerine laýyklykda kömek bermek;

4) üpjünçilik materiallary ejir çeken adamlaryň arasynda olary jynsy, milli, dini, syýasy ýa-da beýleki alamatlary boýunça kemsitmezden paýlamak ýörelgelerine esaslanyp, amala aşyrýarlar.

**4-nji madda**

**Hyzmatdaşlygyň görnüşleri**

Şu Ylalaşygyň çäklerinde Taraplaryň hyzmatdaşlygy:

- adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek boýunça bilelikdäki hereketleriň ulgamyny döretmegi we kämilleşdirmegi;
- adatdan daşary ýagdaýlary çaklamakda we olara gözegçilik etmekde Taraplaryň bilelikdäki hereketlerini;
- beýleki Tarapyň döwletine täsirini ýetirip biljek adatdan daşary ýagdaýyň döremek töwekgelçiligi barada habar bermegi;

- adatdan daşary ýagdaýlar ýok edilende kömek bermegi;
- kömek bermek boýunça toparlaryň üpjünçiliginde zerur ýardamy bermegi;
- adatdan daşary ýagdaý ýüze çykanda hereket etmäge taýýarlygy guramak boýunça tejribe alyşmagy;
- adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek babatda maglumatlary, ylmy-tehniki edebiýatlary, ylmy-barlag işleriniň netijelerini we tehnologiýalary alyşmagy;
- bilelikdäki maslahatlary, iş maslahatlaryny, türgenleşikleri we tälim beriş okuwlaryny, ýöriteleşdirilen sergileri geçirmegi;
- okuw mekdeplerinde hünärmenleri taýýarlamagy, tejribe geçýänleri, mugallymlary, alymlary we hünärmenleri alyşmagy;
- adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek babatda Taraplaryň ylalaşmagy boýunça işiň beýleki görnüşlerini göz öňünde tutýar.

## 5-nji madda
## Ygtyýarly edaralar

1. Şu Ylalaşygy durmuşa geçirmek maksady bilen, Taraplar şu aşakdaky ygtyýarly edaralary, ýagny:

Azerbaýjan Respublikasyndan – Azerbaýjan Respublikasynyň Adatdan daşary ýagdaýlar boýunça ministrligini;

Eýran Yslam Respublikasyndan – Eýran Yslam Respublikasynyň Içeri işler ministrligini (Heläkçilikleri dolandyrmak boýunça Milli guramany);

Gazagystan Respublikasyndan – Gazagystan Respublikasynyň Içeri işler ministrligini, Gazagystan Respublikasynyň Maýa goýumlary we ösüş boýunça ministrligini;

Russiýa Federasiýasyndan – Russiýa Federasiýasynyň Raýat goranyş işleri, adatdan daşary ýagdaýlar we tebigy betbagtçylyklaryň zyýanly netijelerini ýok etmek boýunça ministrligini, Russiýa Federasiýasynyň Ulaglar ministrligini;

Türkmenistandan – Türkmenistanyň Goranmak ministrligini (Baş raýat goranyşy we adatdan daşary ýagdaýlar müdirliginiň Adatdan daşary ýagdaýlar we halas ediş işleri baradaky müdirligini) belleýärler.

2. Başga ygtyýarly edara bellenen ýa-da onuň ady üýtgedilen ýagdaýda, bu barada Tarap Depozitariýe duýdurýar, ol beýleki Taraplara habar berýär.

## 6-njy madda
## Kömek sorap ýüz tutmak

1. Kömek Tarapyň ýazmaça ýüz tutmasy esasynda berilýär. Aýratyn ýagdaýlarda ýüztutma dil üsti bilen amala aşyrylyp, soňra hat üsti bilen tassyklanylyp bilner. Kömek soraýan Tarap ýüztutmada aşakdaky maglumatlary:

a) adatdan daşary ýagdaýyň dörän ýerini, wagtyny, möçberini we adatdan daşary ýagdaýyň zolagynyň häzirki ýagdaýyny;

b) ýüz tutulan wagta çenli geçirilen çäreleri, soralýan kömegiň anyk beýanyny, adatdan daşary ýagdaýy ýok etmekde ilkinji nobatda ýerine ýetirmeli işleri görkezýär.

2. Ýüztutmany alan Tarap gysga wagtyň içinde kömek sorap ýüz tutýan Tarapa öz mümkinçilikleri, kömek bermegiň möçberi we şertleri ýa-da kömek bermäge mümkinçiliginiň ýokdugy barada habar berýär.

3. Kömek sorap ýüz tutýan Tarap mümkinçiligine görä şu maddanyň 1-nji bendinde görkezilen maglumatlary täzeläp durýar we kömek berýän Tarapa haýal etmän habar berýär.

## 7-nji madda
## Adatdan daşary ýagdaýlarda hereketleri utgaşdyrmak we hyzmatdaşlyk etmek

1. Kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň çäginde kömek bermek boýunça toparlaryň hereketlerini utgaşdyrmak, olara ýolbaşçylyk we gözegçilik etmek, şol toparlaryň ýolbaşçylarynyň üsti bilen kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň ygtyýarly edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Ýüz tutýan Tarap kömek bermek boýunça toparlaryň ýolbaşçylaryna adatdan daşary ýagdaýyň zolagyndaky ýagdaý barada dessin maglumaty, dessin dolandyryşy guramak we dilmaçlar üçin ýerleri berýär, şeýle hem, kömek bermek boýunça toparlaryň howpsuzlygyny we lukmançylyk hyzmatyny, olaryň aragatnaşyk serişdelerini üpjün edýär.

3. Kömek bermek boýunça toparlaryň kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň çäginde bolmagynyň möhleti degişli Taraplaryň ylalaşmagy boýunça kesgitlenilýär.

4. Işler tamamlanandan soň, kömek bermek boýunça toparyň ýolbaşçysy kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň ygtyýarly edarasyna öz toparynyň

adatdan daşary ýagdaýlary ýok etmäge gönükdirilen hereketleri we işleriň netijesi barada hasabat berýär.

**8-nji madda**
**Üstaşyr geçirmek**

1. Üstaşyr geçirýän döwletiň Tarapy öz döwletiniň kanunçylygyna we halkara hukugynyň kadalaryna laýyklykda kömek bermek boýunça toparlaryň, enjamlaryň we maddy üpjünçilik serişdeleriniň öz çäginden päsgelçiliksiz üstaşyr geçmegine ýardam berýär, şeýle hem:

a) adatdan daşary ýagdaýlaryň ýok edilmegine gatnaşýan ulag serişdeleriniň ähli görnüşlerininiň öz döwletiniň çägine gelmegine, ulanylmagyna we yzyna gitmegine;

b) adatdan daşary ýagdaýlary ýok etmek üçin kömek bermek boýunça toparlaryň, enjamlaryň we üpjünçilik materiallarynyň öz döwletiniň çäginden üstaşyr çalt geçirilmegine ýardam berýän zerur hukuk we dolandyryş çärelerini amala aşyrýar.

2. Kömek berýän Tarap üstaşyr geçirýän döwletiň Tarapyna kömek bermek boýunça toparlaryň hereket etjek hem-de enjamlaryň we üpjünçilik materiallarynyň getiriljek ugurlaryny mälim edýär.

**9-njy madda**
**Kömek bermek boýunça toparlaryň kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň çägine girmegi, çykmagy we onda bolmagy**

1. Kömek bermek boýunça topar kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň we/ýa-da üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletleriniň çäklerine gelýänçä, kömek berýän Tarapyň ygtyýarly edarasy kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň we/ýa-da üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletlerine topar agzalarynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamalar barada maglumatlar görkezilen sanawy iberýär.

2. Kömek sorap ýüz tutýan Tarap we üstaşyr geçirýän döwletiň Tarapy öz döwletleriniň kanunçylygyna we halkara borçnamalaryna laýyklykda, kömek berýän Tarapyň kömek bermek boýunça toparlarynyň döwletiň çägine girmegi we çykmagy bilen bagly amallaryň ilkinji nobatda geçirilmegini üpjün edýärler.

3. Kömek bermek boýunça toparlaryň agzalary kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň ýa-da üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletleriniň çägine ýa-da çäginden,

Taraplaryň ylalaşan geçiriş nokatlaryndan kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň ýa-da üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletleriniň ykrar eden şahsyýeti tassyklaýan hakyky resminamalar boýunça girýärler we çykýarlar.

4. Zerurlyk çykan ýagdaýynda kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň we üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletleri kömek bermek boýunça toparlaryň agzalaryna wizalaryň gysga möhletde resmileşdirilmegini üpjün edýärler.

5. Kömek bermek boýunça toparlaryň düzümindäki gulluk itleriniň kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň we üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletleriniň çäginde bir ýerden beýleki ýere geçmeginiň we bolmagynyň tertibi kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň we üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletleriniň karantin düzgünlerine laýyklykda kesgitlenilýär.

6. Kömek bermek boýunça toparlaryň agzalary kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň ýa-da üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletleriniň çäginde bolan wagtlarynda degişli döwletleriň kanunçylygyny berjaý edýärler.

7. Kömek sorap ýüz tutýan Tarap kömek bermek boýunça toparlary, enjamlary we üpjünçilik materiallaryny adatdan daşary ýagdaýyň dörän zolagyna tiz wagtda eltmek üçin hemmetaraplaýyn ýardam berýär.

8. Kömek bermek boýunça toparlar adatdan daşary ýagdaýyň dörän zolagyna gelen pursadyndan başlap, 72 sagatdan az bolmadyk wagtyň dowamynda özbaşdak işlemäge taýýar bolmaly. Şu wagtyň geçmegi bilen, Taraplar başga ýagdaýy öňünden göz öňüne tutmadyk bolsalar, kömek sorap ýüz tutýan Tarap kömek bermek boýunça topary onuň işlemegi üçin zerur bolan serişdeler bilen üpjün edýär.

9. Kömek sorap ýüz tutýan Tarap kömek bermek boýunça topara berilýän iýmit önümleriniň we ilkinji nobatda, zerur bolan serişdeleriň howpsuzlygyny üpjün edýär.

## 10-njy madda
## Howa ulaglaryny ulanmak

1. Kömek bermek boýunça toparlary, enjamlary we üpjünçilik materiallaryny daşamak howa ulaglarynda amala aşyrylyp bilner.

2. Howa ulaglaryny ulanmak barada karar kabul edilen ýagdaýynda, kömek berýän Tarapyň döwletiniň ygtyýarly edarasy kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň we üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletlerine howa gämileriniň görnüşlerini we çagyryş yşaratlaryny, uçuşyň ugruny, barmaly howa menzilini,

ekipažyň agzalarynyň sanyny, ýolagçylarynyň wezipe borçlaryny görkezmek bilen, olaryň sanawyny we ýüküň görnüşlerini habar berýär.

3. Uçuşlar Halkara raýat awiasiýasy guramasynyň (IKAO) düzgünlerine we Taraplaryň döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

4. Şu Ylalaşyga laýyklykda, kömek berýän Tarapyň döwletiniň kömek bermäge gatnaşýan howa gämileri, kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň we üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletleriniň üstaşyr uçup geçmek, uçmak, gonmak, bolýan wagty durmak we uçuş-gonuş hyzmatlary üçin alýan ýygymlarynyň ähli görnüşlerinden boşadylýar.

5. Kömek berýän Tarapyň döwletiniň howa gämileriniň ýangyç we tehniki hyzmat üçin çykdajylarynyň öwezini dolmak degişli Taraplaryň ylalaşmagy boýunça amala aşyrylýar.

**11-nji madda**
**Suw ulaglaryny ulanmak**

1. Kömek bermek boýunça toparlary, enjamlary we üpjünçilik materiallaryny daşamak suw ulaglarynda amala aşyrylyp bilner.

2. Suw ulaglaryny ulanmak barada karar kabul edilen ýagdaýynda, kömek berýän Tarapyň döwletiniň ygtyýarly edarasy kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletine suw gämileriniň görnüşlerini, ekipažynyň agzalarynyň sanyny, ýolagçylarynyň wezipe borçlaryny görkezmek bilen, olaryň sanawyny we ýüküň görnüşlerini habar berýär.

3. Şu Ylalaşyga laýyklykda, kömek berýän Tarapyň döwletiniň kömek bermäge gatnaşýan suw ulaglary kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň port ýygymlarynyň ähli görnüşlerinden boşadylýar.

4. Kömek berýän Tarapyň döwletiniň suw ulaglarynyň ýangyç we tehniki hyzmat üçin çykdajylarynyň öwezini dolmak degişli Taraplaryň ylalaşmagy boýunça amala aşyrylýar.

**12-nji madda**
**Enjamlary we üpjünçilik materiallaryny getirmek, alyp gitmek we üstaşyr geçirmek**

1. Kömek bermek boýunça toparyň ýolbaşçysy kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň we üstaşyr geçirýän Tarapyň döwletiniň gümrük gulluklaryna kömek berýän we kömek sorap ýüz tutýan Taraplaryň

döwletleriniň ygtyýarly edaralary bilen ylalaşylan, adatdan daşary ýagdaýy ýok etmek üçin getirilýän enjamlaryň we üpjünçilik materiallarynyň sanawyny berýär.

2. Şu Ylalaşyga laýyklykda getirilýän we alnyp gidilýän enjamlar we üpjünçilik materiallary gümrük paçlaryndan, salgytlardan we ýygymlardan boşadylýar.

3. Enjamlary we üpjünçilik materiallaryny gümrük taýdan resmileşdirmek Taraplaryň döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda ilkinji nobatda amala aşyrylýar.

4. Kömek bermek boýunça işler tamamlanandan soň, kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň çägine getirilen enjamlar (doly ulanylanyndan ýa-da ýok edileninden başgasy) kömek berýän Tarapyň alyp gitmegine degişlidir. Enjamlaryň doly ulanylandygy ýa-da ýok edilendigi hem-de üpjünçilik materiallary ejir çeken adamlaryň arasynda paýlanandygy kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň ygtyýarly edarasy tarapyndan resmi taýdan tassyklanylmalydyr. Enjamlary aýratyn ýagdaýlar sebäpli alyp gitmek mümkinçiligi bolmadyk halatynda, olary kömek sorap ýüz tutýan Tarapa bermek meselesi her bir anyk ýagdaýda Taraplaryň ylalaşmagy boýunça çözülýär.

**13-nji madda**

**Maglumatlary goramak**

Taraplaryň döwletleriniň kanunçylygyna laýyklykda aýan etmäge degişli däl maglumatlardan başga, şu Ylalaşygyň çäklerinde amala aşyrylan işleriň netijesinde alnan maglumatlar, eger Taraplar başga ylalaşyga gelmedik bolsa, hemmelere elýeterli bolup durýar.

**14-nji madda**

**Kömek bermek boýunça çykdaýjylar**

1. Kömek Taraplaryň ylalaşmagy boýunça muzdsuz ýa-da öwezini dolmak esasynda berlip bilner.

2. Kömek sorap ýüz tutýan Tarap, kömek berýän Tarapa kabul edilen çözgüt barada haýal etmän habar berip, islendik wagt kömek bermek boýunça ýüztutmany ýatyryp biler. Eger kömek öwezini dolmak esasynda berlen bolsa, kömek berýän Tarap kömek bermek boýunça ýüztutmanyň ýatyrylan wagtyna

çenli çeken çykdaýjylarynyň tölenmegini talap etmäge haklydyr.

3. Kömek bermek boýunça toparyň agzalaryny ätiýaçlandyrmagy kömek berýän Tarap amala aşyrýar. Kömek öwezini dolmak esasynda berlen ýagdaýynda, ätiýaçlandyrmany resmileşdirmek boýunça çykdajylar kömek bermek boýunça umumy çykdajylara goşulmaýar we öwezini dolmaga degişli däldir.

4. Kömek öwezini dolmak esasynda berlen ýagdaýynda, kömek berýän Tarapyň döwletiniň ygtyýarly edarasy adatdan daşary ýagdaýy ýok etmek boýunça işleriň tamamlanan senesinden soň, bir hepde möhletde ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň ygtyýarly edarasyna berlen kömegiň möçberi barada maglumat berýär.

5. Kömek öwezini dolmak esasynda berlen ýagdaýynda, kömek sorap ýüz tutýan we kömek berýän Taraplaryň döwletleriniň ygtyýarly edaralary işleriň tamamlanan senesinden soň, bir aý möhletde adatdan daşary ýagdaýyň sebäpleri we häsiýetnamalary baradaky maglumatlary öz içine alýan kömek bermek boýunça çykdajylaryň ikitaraplaýyn güwänamasyny taýýarlaýarlar. Çykdajylaryň öwezini dolmagy kömek bermek boýunça çykdajylaryň ikitaraplaýyn güwänamasynyň esasynda, Taraplaryň ylalaşan möhletinde kömek sorap ýüz tutýan Tarap amala aşyrýar.

## 15-nji madda
## Kömek berlende ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak

1. Kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň çäginde şu Ylalaşygy ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly işler ýerine ýetirilende, kömek bermek boýunça toparyň agzalary tarapyndan edara görnüşli ýa-da şahsy taraplara ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy kömek sorap ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň kanunçylygyna laýyklykda kömek sorap ýüz tutýan Tarap amala aşyrýar.

2. Eger kömek bermek boýunça toparyň agzalary tarapyndan ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň çäginde şahsy ýa-da edara görnüşindäki taraplara bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlyk zerarly zyýan ýetirilen ýagdaýynda hem-de kömek sorap bu ýüz tutýan Tarapyň döwletiniň degişli edaralary tarapyndan subut edilen bolsa, kömek sorap ýüz tutýan we kömek berýän Taraplaryň döwletleriniň ygtyýarly edaralary öz aralarynda degişli maglumatlary alyşýarlar we degişli Taraplaryň ylalaşmagyna laýyklykda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak boýunça çäre görýärler.

**16-njy madda**

**Beýleki halkara şertnamalary bilen baglanyşyklylyk**

Şu Ylalaşyk Taraplaryň öz döwletleri gatnaşyjysy bolup durýan beýleki halkara şertnamalaryndan gelip çykýan hukuklaryna we borçnamalaryna täsir etmeýär.

**17-nji madda**

**Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy bilen baglanyşyklylyk**

Şu Ylalaşygyň hiç bir düzgünleri Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy boýunça gepleşikleriň netijesini öňünden kesgitleýän hökmünde düşündirilmeýär.

**18-nji madda**

**Jedelleri düzgünleşdirmek**

Şu Ylalaşygy ulanmak ýa-da düşündirmek bilen bagly Taraplaryň arasyndaky jedeller Taraplaryň garamagy boýunça geňeşmeler, gepleşikler ýa-da beýleki parahatçylykly serişdeler arkaly çözülýär.

**19-njy madda**

**Üýtgetmeler we goşmaçalar**

1. Şu Ylalaşygyň düzgünleri Taraplaryň ylalaşmagy boýunça üýtgedilip ýa-da olara goşmaçalar girizilip bilner.
2. Şu Ylalaşyga girizilýän üýtgetmeler we goşmaçalar onuň aýrylmaz bölegi bolup durýar we şu Ylalaşygyň 21-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde güýje girýän aýratyn teswirnamalar arkaly resmileşdirilýär.

**20-nji madda**

**Depozitariý**

Russiýa Federasiýasynyň Hökümeti şu Ylalaşygyň Depozitariýsi bolup durýar.

**21-nji madda**

**Güýje girmegi**

Şu Ylalaşyk, onuň güýje girmegi üçin zerur bolan içerki döwlet amallarynyň ýerine ýetirilendigi barada soňky ýazmaça habaryň Depozitariý tarapyndan alnan senesinden soň, otuzynjy gün güýje girýär.

**22-nji madda**

**Ylalaşykdan çykmak**

Her bir Tarap, Depozitarini habarly edip, şu Ylalaşykdan çykyp biler. Şu Ylalaşyk Depozitariý tarapyndan şeýle habaryň alnan senesinden on iki aý geçýänçä şol Tarap üçin hereket eder.

Astrahan şäherinde 2014-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda azerbaýjan, gazak, rus, türkmen, pars we iňlis dillerinde bir asyl nusgada amal edildi, özi hem ähli ýazgylaryň birmeňzeş güýji bardyr.

Çaprazlyklar ýüze çykan ýagdaýynda Taraplar iňlis dilindäki ýazga ýüzlenýärler.

Asyl nusga saklamak üçin Depozitariýe tabşyrylýar, ol bolsa Taraplara şu Ylalaşygyň tassyklanan nusgalaryny iberýär.

**Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan**

**Eýran Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan**

**Gazagystan Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan**

**Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň adyndan**

**Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan**